**Şu ýyl Ýer ýüzünde adamzadyň beýik gymmatlyklary bolan parahatçylygy we ynsanperwerligi dabaralandyrýan sene — 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 81 ýyllygy bellenilýär. Munuň özi Watana çyn ýürekden hyzmat etmegiň göreldesini görkezen gahrymanlarymyza goýulýan çuňňur hormatyň, şeýle hem türkmen halkynyň parahatçylyga, ynsanperwerlige we döredijilige üýtgewsiz ygrarlydygynyň aýdyň nyşanydyr.**

Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen täze taryhy döwrümizde bütin adamzadyň azatlygy we erkinligi ugrunda göreşen, gije-gündiz zähmet çekip, şanly Ýeňşi ýakynlaşdyran edermen watandaşlarymyzyň mertebesi belent tutulýar. Şolaryň hatarynda Milli Liderimiziň atasy hem-de hormatly Prezidentimiziň garry atasy Berdimuhamet Annaýewiň bolandygyny ýatlamak gerek. Onuň durmuş ýoly täze taryhy eýýamda ýaşlar üçin watansöýüjiligiň, harby we raýatlyk borja wepalylygyň beýik nusgasyna öwrüldi.

Watanymyzyň azatlygyny we erkinligini goramak ugrunda gahrymanlyk görkezen pederlerimiziň şöhraty baradaky ýatlamalar taryhymyza altyn harplar bilen ýazyldy. Mähriban topragyň edermen goragçylary bolan gahrymanlary sarpalamak bolsa türkmen halkynyň asyrlar aşyp gelýän gadymy däpleriniň biri bolup durýar. Şunda gazaply söweş meýdanlarynda wepat bolan we Ýeňiş bilen öýlerine dolanan türkmenistanly esgerleriň atlarynyň «Hatyra», «Şöhrat» atly köp jiltli neşirlere girizilendigini bellemek gerek.

Merdana pederlerimiziň deňsiz-taýsyz edermenligine uly sarpa goýup, parahatçylyk, dostluk hem-de ynanyşmak ýörelgelerini giňden dabaralandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Gülüstan NURGELDIÝEWA,**
**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň pedagogika fakultetiniň mekdebe çenli bilim we terbiýe hünäriniň 110-njy toparynyň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 14.06.2026